# «Baharda gelerin» diýip gidipdiň…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
«Baharda gelerin» diýip gidipdiň… «BAHARDA GELERIN» DIÝIP GIDIPDIÑ…



«Baharda gelerin» diýip gidipdiň,
Ynha, bahar!

Ynha, ýagyş!
Ynha, men!
Ýollaryňda sergezdan men, tenha men.
«Gelerin – diýipdiň – ýollary aşyp»,
Ynha, bahar!
Ynha, ýagyş!
Ynha, men!
Ynha, penjireden sowujak şemal
hemem ýagşyň sesi gelýär çalaja.
Gazetlerem öňküsi deý dur çaşyp.
Men henizem seň gadryňy ýatladýan
Pälwan Halmyradyň aýdymna aşyk.
Ynha, bahar!
Ynha, ýagyş!
Ynha, men!
Şabyrdaplar ýagýan ýagşyň sesinde,
Göwnüme däl, çynym, seň sesiň gelýär.
Al-elwan güllere ýaganda ýagyş,
Dogry, diňe şonda seň ysyň gelýär.
«Baharda gelerin» diýip gidipdiň.
Men indi nireden soraýyn seni?!
Tomusdanmy, güýzdenmi ýa gyşdanmy?!
Ýa baharda göçüp gelýän guşdanmy?!
Öňler düýşlerme-de bolýardyň myhman,
Indi düýşlerdenem uzak sen, uzak!
Ynha, bahar!
Ynha, ýagyş!
Ynha, men!
Ýollaryňda sergezdan men, tenha men

Ir-säherler demim alyp uludan,
Goşgy baryn okap Nobatgulydan,
Özüme teselli berýänem weli,
Bahar gelip penjirämi kakanda,
Ýagyşly gün penjireden bakamda
Şeýle bir, şeýle bir küýseýän seni.
Ýylgyrşyňy Güne, sesiň bilbile,
Şatlygyňy bu ýazlara meňzedýän
günlerimi ýatlap, küýseýän seni.

«Baharda gelerin» diýip gidipdiň,
Ynha, bahar!
Ynha, ýagyş!
Ynha, men!

Batyr HOJANYÝAZOW. Goşgular